# Aýasofýa metjidindäki gymmatbahaly syrçalary haýsy «köşkli» ogry ogurladyka?

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025

Aýasofýa metjidindäki gymmatbahaly syrçalary haýsy "köşkli" ogry ogurladyka? AÝASOFÝA METJIDINDÄKI GYMMATBAHALY SYRÇALARY HAÝSY «KÖŞKLI» OGRY OGURLADYKA?..

Aýasofýa metjidinde patyşa we şazada kümmetleriniñ bardygyny kän bilýän ýok.
Bu ajaýyp taryhy binanyñ howlusyndaky üç ýanaşyk kümmetde osmanly patyşalary Selim II, Myrat we Mämmet III bilen bir hatarda köp sanly şazadalaryñ we melikeleriñ guburlary bar. Howluda şazadalar üçinem aýry kümmet bar. Kümmetleriñ biraz ilersinde bolsa Aýasofýanyñ buthana bolan döwürlerinde täze dünýä inen bäbejikleriñ çokundurylýan «çokundyryşhanasynda» bolsa «Däli» diýip at alan Soltan Mustapa we Soltan Ybraýym we hanedanlygyñ başga-da birnäçe wekili ýatyr.
Kanuny Soltan Süleýmanyñ ogly Selim II we onuñ aýaly Nurbanu soltanyñ ýatan kümmeti 1577-nji ýylda taryhyñ iñ beýik binagärlerinden Mimar Sinan gurupdyr.
Kümmetde patyşa we onuñ aýaly bilen birlikde kyrk iki gubur ýerleşýär.
Kümmeti gören badyña ilki göze ilýän aýratynlyklarynyñ biri-de, gapynyñ bosagasynyñ iki ýanyna göz gamaşdyryjy Iznik syrçalary («çini», «глазурь») bilen bezelen ajaýyp panelleriñ ýerleşdirilendigidi.
Emma bahasyna ýetip bolmajak şol syrçalaryñ bir bölegi soñ-soñlar ogurlanypdyr we ýerine pes hillisi goýlupdyr.
Nädip diýýäñizmi? Ýüzugra aýdyp bereýin:
Soltan Selim II-niñ kümmetiniñ gapysynyñ gyrabujaklaryndaky altmyş sany syrçaly bezegden ybarat iki paneliñ çepindäkisiniñ emelidigi, ony gören badyña solgun reñkindenem añşyryp bolýar.

1890-njy ýyllar…
Şol wagtlar Osmanly imperiýasynyñ tagtynda Patyşa Abdylhamyt II otyrdy.
Köşgüñ şahsy diş hekimi bardy: fransiýaly Albert Sorlin Dorigny…
Aýasofýadaky we oña ýanaşyk kümmetlerdäki syrçalar bilen keramikalaryñ zaýalanandygy anyklanyp, onuñ çalşyrylmagy makul bilinýär. Syrçalaryñ restawrasiýasyny Ýewropada giñden goldanýan sungat taryhynyñ muşdagy fransiýaly dişçi hekim boýnuna alýar.
Abdylhamydyñam rugsady bilen Selim II-niñ kümmedindäki syrçalar seresaplylyk bilen sökülenden soñ, gaplanyp Fransiýa äkidilýär.
Emma Dorigny syrçalaryñ bir bölegini abatlamagyñ deregne Luwr muzeýine äkidip, hamana atasyndan miras galan zady ýaly satuwa çykarýar. Köpbilmiş hekim ogurlygy bilinmesin diýibem Fransiýanyñ Sewr zawodynda öndürilen emeli syrçalary Stambula ugradýar.
Emma Iznik syrçalaryna taý geljek jähekleri ýasamak mümkinmi näme!
Onsoñam kümmetdäki orginal syrçalaryñ ýerine goýlan we altmyş sany emeli syrçadan ybarat panel wagtyñ geçmegi bilen saralyp-solmaga başlaýar. Sungat we onuñ taryhy bilen gyzyklanmaýan zyýaratçylaryñam ýeke gezek seredende añşyryp bilýän bu ýagdaýy degişli ýolbaşçylar tarapyndan resmi hasaba alynýar. Medeniýet ministrliginiñ ýörite hünärmenleriniñ geçiren seljeriş-batlag işleri wagtynda ýerleşýän ýerinden sökülen syrçalaryñ arka tarapynda Sewriñ keramika zawodynyñ önümidigine güwä geçýän belgileýji ýazgy çykýar! Şondan soñ Luwr muzeýinde saklanýan medeni mirasymyzy gaýdyp almak maksady bilen aýaga galynýar. Emma 2008-nji ýylda Aýasofýany zyýarat eden Luwr muzeýiniñ müdiri Genri Lorette “Bärde hiç hili ogurlama, aldap alma, bermän saklama barada gürrüñ bolup bilmez. Eserler restawrasiýasiýa edilende ogurlanandygy barada myş-myşlaram baram bolsa, bular subut edilip bilinmez, resmi delili ýok. Şeýle-de biziñ möhüm zat – ony satyn almagymyzdyr. Bu eserler fransuz diş lukmanyndan satyn alyndy we ony satyn

alandygymyza güwä geçýän resminamalar arhiwimizde bar” diýip, talaplary kanagatlandyrmakdan ýüz dönderdi.
Medeniýet ministrliginiñ tagallasy netije bermänsoñ, 2009-2011-nji ýyllarda Aýasofýa muzeýiniñ başlygy wezipesini ýerine ýetiren professor Haluk Dursun Selim II-niñ kümmedindäki ogurlygy jümle-jahana paş etmek maksady bilen emeli syrçaly paneliñ öñünde şu ýazgyny goýduryar:

*“Osmanly döwleti döwründe 1882-1896-njy ýyllarda fransiýaly Albert Dorigny tarapyndan geçirilen restawrasiýa işleri wagtynda tapylan we altmyş sany XVI asyryñ Iznigiñ naýbaşy syrçalaryndan düzülen panel abatlanmak üçin Parize äkidilipdir, emma onuñ deregne Sewrde ýasalan emeli nusgasy getirlip goýlupdyr.*
*Bu bildirilen ynama hyýanat etmekdir we sungat ogurlygyndan bir mysaldyr.*
*Häzir biziñ görýän syrçalarymyz orginalynyñ kopiýasydyr. Orginal syrçalarymyz Parižiñ Luwr muzeýindäki «Yslam eserleri» seksiýasynda «Aýasofýa muzeýiniñ hazyrasynda Soltan Selim II-niñ kümmetiniñ syrçalary» ady bilen görkezilýär. Syrçalarymyz hakynda Fransiýanyñ Medeniýet ministrligine ýüzlenen ähli yzyna gaýdyp berme talaplarymyza garamazdan häzire çenli, gynansak-da, degerli netije gazanylmady…”*

Dünýänıñ az sanly medeni miraslaryndan bir müñ bäş ýüz ýyllyk Aýasofýa barada aýdara, gürrüñ berere gep kän.
Men bu gün size Soltan Abdylhamyt II-niñ döwründe göýä köşge diş bejermek üçin gelensirän pereñli ogrynyñ söküp alyp giden negözel syrçalarynyñ hekaýatyny gürrüñ berdim…

Ugur DÜNDAR.

«SÖZCÜ» gazeti, 15.07.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Taryhy makalalar